# Türkmen gahrymanlary – №271: Geldi Gurbanmyradow

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmen gahrymanlary – №271: Geldi Gurbanmyradow Türkmen gahrymanlary: GELDI GURBANMYRADOW

Beýik Watançylyk Urşy ýyllarynda gaýduwsyz brýanskili partizanlaryň hatarynda söweşen gerçekleriň biri Geldi Gurbanmyradowdyr. Geldi Gurbanmyradow uly bolmadyk partizan toparyna baş bolup, faşistleriň üsti adamly we tehnikaly iki eşelonyny agdarypdyr, mergen (snaýper) tüpeňi bilen gitlerçileriň 35-sini ýok edipdir we söweş edermenlikleriniň hasabyny özüniň esger kemeriniň ýüzünde bellijekler bilen ýöredipdir. Ol 1942-nji ýylyň noýabr aýynda duşman galagoşunyny (garnizonyny) ýok etmek ugrundaky gazaply çaknyşykda gahrymanlarça gurban bolupdyr. Ony özüniň hasap ýöreden kemeri bilen bile jaýlapdyrlar. G.Gurbanmyradow söweş edermenlikleri üçin «Watançylyk urşy” ordeniniň I derejelisine, “Gyzyl Ýyldyz” ordenine, “Söweşjeň hyzmatlary üçin” diýen medala, “Watançylyk urşunyň partizany” diýen medalyň II derejelisine mynasyp bolýar[1, 494 s., 2].

■ Edebiýatlar


1. "Türkmenistanyň taryhy". Akademik Gurbanguly Berdimuhamedowyň umumy redaksiýasy bilen. III tom. – Aşgabat: Ylym, 2017.
2. Совет Түркменистаныының тарыхы… 2 böl. – 77 sah.; Бердиев Г. Эдерменликлере бесленен мензиллер. – Ашгабат, 1985. – 143-149 sah.
3. Зарембо В. Ко Дню Великой Победы: Туркменские партизаны // https://orient.tm/ko-dnju-velikoj-pobedy-turkmenskie-partizany. 12.06.2020ý. Taryhy şahslar